# Jedel / hekaýa

Category: Ertekiler,Filosofiýa,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Jedel / hekaýa JEDEL

I.

Garaňky güýz gijesidi. Goja bankçy iş otagynyň ol ýanyndan bu ýanyna ikibaka gezmeläp ýörşüne, mundan on bäş ýyl ozal güýzde agşamlyk meýlis guraýşyny ýatlaýardy. Şol agşamlykda akylly adamlar köp bolansoň, gyzykly gürrüňler edilipdi. Gep arasynda ölüm jezasy barada-da söhbet bolupdy. Aralarynda ep-esli alym hem galamgär bolan myhmanlaryň köpüsi ölüm jezasyny oňlamandy. Olar jezanyň bu usulyny isaýy döwletleri üçin möwritini ötüren, ýaramsyz hem-de ahlaksyz saýdylar. Käbiriniň pikirine görä-hä, ölüm jezasyny hemme ýerde ömürlik tussaglyk bilen çalyşmalydy.
Bankçy hojaýyn:
– Men siz bilen ylalaşmaýaryn – diýdi. – Ölüm jezasynam, ömürlik tussaglygam, elbetde, synap göremok, ýöne eger tejribä esaslanmazdan pikir öwrüp bolýan bolsa, onda ölüm jezasy ahlaklyrak hem ynsanperwerräk çözgüt. Ölüm jezasy bada-bat, ömürlik tussaglyk bolsa ýuwaş-ýuwaşdan öldürýär. Onsoň haýsy jellat adamkärçilikliräk? Sizi sanlyja minutda öldürýänimi ýa-da janyňyzy gynap-gynap alýanymy?
– O-da, beýlekem des-deň ahlaksyzlyk, – diýip, myhmanlaryň biri gürrüňe goşuldy – Sebäbi ikisiniňkem şol bir maksat – jan almak. Döwlet Hudaý däl. Islese, yzyna gaýtaryp berip bilmejek zadyny almaga onuň haky ýokdur.
Myhmanlaryň arasynda ýigrimi bäş ýaşlaryndaky hukukçy ýigit bardy. Şonuň pikirini soranlarynda ol:
– Ölüm jezasam, ömürlik tussaglygam des-deň ahlaksyz, ýöne maňa ölüm jezasy bilen ömürlik tussaglygyň birden-birini saýlamagy teklip etseler, özüm-ä, elbetde, ikinjisini saýlap alardym. Telli-pelliräk ýaşanyňam hiç hili ýaşamanyňdan-a gowy.

Gyzgalaňly çekişme başlandy. Şo mahallar ýaşrak hem gyzmarak bankçy birden özüni ýitirdi-de, stoly ýumruklap hukukçy ýigide ýüzlenip gygyrdy:
– Ýalan! Iki milliondan jedel edýän: siz gazamatda bäş ýylam oturyp bilmersiňiz.
Hukukçy oňa:
– Eger şu diýilýän çyn bolsa, bäş ýyl däl, on bäş ýylam oturaryn diýip jedel edýän – diýip jogap berdi.
– On bäş? Bolubilýä! – diýip, bankçy gygyrdy. – Jenaplar, iki million goýýan!
Hukukçy:
– Razy! Siz-ä millionlaryňyzdan geçýäňiz, menem azatlygymdan – diýdi.
Onsoň bu geň hem bimany jedeliň soňy çyna ýazdy. Şo wagt millionlarynyň hasabynam bilmeýän, läliksirän hem ýeňilkelle bankçy bu jedelden heýjana geldi. Agşamlyk naharyň başynda ol hukukçynyň üstünden güldi:
– Entek giç dälkä, akylyňyza aýlanyň, ýagşy ýigit. Meniň üçin iki million hiç zat, siz welin ömrüňiziň iň ajaýyp üç-dört ýylyny ýitirmäge töwekgellik edýäňiz. Üç-dört ýyl diýýänimiň sebäbi, siz şondan artyk oturyp bilmersiňiz. Onsoňam bir zady unutmaň, bagtygara, meýletin tussaglyk hökmany tussaglykdan agyrdyr. Islän pursadyňyz azatlyga çykmaga hakyňyzyň bardygy baradaky pikir siziň gazamatdaky barja ýaşaýşyňyza awy gatar. Size nebsim agyrýar!
Ine, indem bankçy ol ýandan bu ýana gezmeläp ýörşüne öz-özüne sorag berýärdi: «Ýeri, bu jedel nämä gerekdi? Onuň on bäş ýyl ömrüni ýitirmesinden, meniň bolsa iki milliony ýele sowurmagymdan näme peýda bar? Heý, şu zatlar ölüm jezasynyň ömürlik tussaglykdan erbetdigini ýa-da gowudygyny adamlara subut edip biljekmi? Ýok, ýene bir ýola ýok. Biderek hem bimany. Meniňki-hä mes adamyň çykaran hokgasy, onuňky bolsa diňe pula açgözlügi…»
Onsoň ol beýan edilen şol agşamdan soňky bolup geçen wakalary ýatlady. Hukukçy öz tussaglygyny bankçynyň bagynda gurlan ýanaşyk jaýlaryň birinde örän berk gözegçilik astynda geçirmeli edildi. Ol on bäş ýyllap ýanaşyk jaýyň bosagasyndan

ätlemek, diri adamlary görmek, adam sesini eşitmek hem-de hat, gazet almak hukugyndan kesiler diýlip şertleşildi. Ýöne saz guralynyň bolmagyna, kitap okamagyna, hat ýazmagyna, çakyr içmegine we çilim çekmegine rugsat edildi. Şertleşige görä, ol daşky dünýä bilen, şu maksada niýetlenip, ýörite ýasalan kiçijik penjire arkaly diňe sessiz-üýnsüz gatnaşyk saklamalydy. Zerur bolan ähli zady – kitap, nota, çakyr we başga zatlary hatjagaz berip islendik mukdarda alyp bilmelidi. Ýöne diňe penjireden almalydy. Şertnama tussaglygy berk ýalňyzlykda geçirmeli edýän ähli jikme-jiklikleri-de, maýdajyk zatlary-da nazara alýardy. Hukukçy 1870-nji ýylyň 14-nji noýabrynda sagat 12-den başlap, 1885-nji ýylyň 14-nji noýabrynda sagat 12-ä çenli 15 ýyl oturmaga borçly edilýärdi. Möhletiň dolmagyna iki minut galan bolsa-da, onuň şertleri bozmaga ujypsyzja synanyşygy hem bankçyny oňa iki million tölemekden boşadýardy.

Beren hatjagazlaryndan çen tutsaň, hukukçy tussaglygynyň birinji ýylynda ýalňyzlykdan hem-de tukatlykdan agyr ejir çeken bolmaly. Onuň oturan ýanaşyk jaýyndan gije-gündiz hemişe roýalyň sesi eşidilýärdi. Çakyrdan, temmäkiden ýüz öwürdi. Şerap höwesiňi oýarýar, höwes bolsa tussagyň ganym duşmany; «Onsoňam datly şerap süzüp, hiç kimi görmezlikden beter tukatlyk ýok!» diýip ýazdy. Temmäki bolsa otagynyň howasyny zaýalaýar. Birinji ýyl oňa, esasan, ýeňiljek mazmunly kitaplar: aşyk-magşuklary her hili ýagdaýa salýan romanlar, jenaýatçylykly hem-de hyýaly hekaýalar, komediýalar we ş. m. iberildi.

Ikinji ýyl ýanaşyk jaýda eýýäm saz kesildi, hukukçynyň hatlarynda: «Diňe nusgawy ýazyjylary iberiň!» diýip talap edilýärdi. Bäşinji ýyl ýene-de saz eşidildi, tussag çakyr haýyş etdi. Penjirejikden ony synlanlar tussagyň ýylboýy diňe iýip-içip we düşekde ýatyp geçirendigini, ýygy-ýygydan pallaýandygyny, öz-özi bilen hyňranyp gaharly gürleşýändigini aýtdylar. Kitap okamady. Käte gijelerine ýazmaga oturýardy, köp wagtlap ýazardy-da, daňdana golaýam barja ýazanlaryny ýyrtym-ýyrtym ederdi. Telim ýola aglanynam eşidipdirler.

Altynjy ýylyň ikinji ýarymynda tussag dilleri öwrenmek,

filosofiýa hem-de taryh bilen yhlasly meşgullandy. Bu ylymlary öwrenmäge şeýlebir açgözlik bilen ýapyşdy welin, bankçy soran kitaplaryny tapyp bermäge zordan ýetişýärdi. Dört ýylyň içinde onuň talaby bilen alty ýüze golaý kitap ýazdyrylyp alyndy. Onuň şol yhlas eden döwründe bankçy öz tussagyndan şeýleräk mazmunly hat dagam aldy: «Gadyrdan türme sakçym! Şu setirleri size alty dilde ýazýan. Olary bilermen adamlara görkeziň. Goý, okasynlar. Eger olar ýekeje ýalňyş tapmasalar, onda size ýalbarýan: bagda tüpeň atmagy buýruň. Tüpeň sesi azabymyň reýgan bolmandygyny maňa ýetirer. Asyrlaryň hem-de ýurtlaryň naýbaşy adamlary dürli dillerde gürleýärler, ýöne olaryň gursaklarynda şol bir ataş alawlaýar. Olara düşünip bilýänim üçin indi meniň kalbymy şeýle täsin, ajaýyp bagtyýarlygyň gaplandygyny siz bir bilsediňiz!» Tussagyň islegi berjaý edildi. Bankçy bagda iki gezek tüpeň atmagy buýurdy.

Onunjy ýyldan soň hukukçy stoluň başynda gymyldaman oturyşyna diňe Injili okady. Dört ýylda düşünmesi müşgil bolan alty ýüz sany galyň kitaba hötde gelen adamyň düşnükli we ýuka kitaby okamak üçin bir ýyla golaý wagt sarp etmegi bankça geň göründi. Injiliň ornuna dinleriň taryhy we dini taglymat geldi.

Ol tussaglygynyň soňky iki ýylynda çem gelen zady, parh goýmazdan, juda köp okady. Bir görseň-ä, tebigy ylymlar bilen meşgullandy, bir görseňem, Baýrony ýa-da Şekspiri talap etdi. Ondan şol bir wagtda himiýanam, lukmançylyk okuw kitabynam, romanam, haýsydyr bir filosofik ýa-da dini eserem ibermegi haýyş edýän hatlaram alyndy. Onuň okaýşy deňizde gäminiň döwük-ýenjikleriniň arasynda ýüzüp ýörkä, özüni halas etjek bolup, janhowluna gäminiň käbir döwük bölegine, käte beýlekisine ýapyşýana meňzeýärdi.

II

Goja bankçy şu zatlary ýatlap içini hümledýärdi:

«Ertir 12-de ol erkinlik alar. Şertimize görä men oňa iki million tölemeli bolaryn. Eger tölesem, bar zat gutarýa, men bütinleý tozup galýan…»

On bäş ýyl ozal ol öz millionlarynyň hasabyny bilmedigem bolsa, häzir ol öz-özünden «Puluň köpmi ýa-da bergiň» diýip

soramaga-da gorkýardy. Humarly birža oýnundan, töwekgelçilikli alyp-satarlykdan gojalaňsoňam saplanyp bilmedik gyzmalygy onuň işini kem-kemden pese gaçyrdy. Onsoň bu garadangaýtmaz, özüne göwni ýetýän gedemje tüçjar kagyzyň hümmeti galanda-da, gaçanda-da galpyldap duran ortatap bankça öwrüldi.
Goja lapykeçlik bilen kellesine ýapyşyp:
– Näletsiňmiş jedel! – diýip samyrdaýardy. – Bu adam nämüçin ölmedi? Ol ýaňy bary-ýogy kyrk ýaşynda. Soňkujamy alar-da öýlener, durmuşyň hözirini görer, biržada oýnar. Men bolsam gedaý ýaly, oňa göriplik bilen garap, günüň-gününe: «Öz bagtym üçin size minnetdar, goltgy bermäge rugsat ediň!» diýen şol bir jümlesini eşitmeli bolaryn. Ýok, bu çökder bolýa! Tozup galmakdan hem-de masgaraçylykdan gutulmagyň ýeke-täk çykalgasy – adamyň ajalydyr!
Sagat üç boldy. Bankçy diňşirgendi. Öýdäkileriň hemmesi uklapdy, diňe penjiräniň aňyrsyndan üşäp, gagşaýan daragtlaryň şagyrdaşýan sesleri eşidilýärdi. Ol çalaja-da ses çykarmazlyga çalşyp, ýanmaýan şkafyndan on bäş ýyl bäri açylmadyk gapynyň açaryny aldy, paltosyny geýdi-de, öýden çykdy.
Bagyň içi garaňky hem sowukdy. Ýagyş ýagýardy. Çapgyn çygly şemal uwlap, bagyň ähli ýerinde alakjap ýörşüne daragtlary erkine goýanokdy. Bankçy gözlerine zor saldy, ýöne ne ýeri, ne ak heýkelleri, ne ýanaşyk jaýy, ne-de agaçlary saýgardy. Ýanaşyk jaýyň duran ýerine baryp, garawuly iki gaýta çagyrdy. Jogap bolmady. Garawul sowuk howadan bukulyp, indem aşhanada ýa-da gülhanada bir ýerde uklap galan bolmaly.
«Eger ýüregime düwenimi berjaý etmäge gaýratym çataýsa, onda ozaly bilen garawul şübhe astyna alnar».
Ol garaňkyň içinde basgançagy hem gapyny sermeläp tapdy-da, ýanaşyk jaýyň daşky otagyna girdi. Soň sermenekläp kiçeňräk dälize girip, otluçöp ýakdy. Bärde yns-jyns ýokdy. Kimdir biriniň ýorgan-düşeksiz ýatalgasy durdy, burçda-da çoýun peç garalyp görünýärdi. Tussagyň otagyna girilýän gapysyna urlan möhür abatdy.
Otluçöp öçensoň, goja tolgunmadan ýaňa galpyldap, kiçijik penjireden seretdi.
Tussagyň otagynda şem öçügsije ýanyp durdy. Özi stoluň başynda

otyrdy. Diňe ýagyrnysy, saçy, onsoňam elleri görünýärdi. Stoluň üstünde, iki sany ýumşak kürsiniň, stoluň ýanyndaky halynyň üstünde açyk kitaplar ýaýrap ýatyrdy. Bäş minut geçdi, tussag ýekeje gezegem gymyldamady. On bäş ýyl tussaglyk oňa gymyldaman oturmagy öwredipdi. Bankçy penjiräni kakdy, tussag bu tyrkylda birje hereketi bilenem jogap bermedi. Şondan soň bankçy gapynyň möhürini seresapja aýyrdy-da, gulpuň deşigine açary sokdy. Poslan gulp gyryljyk ses etdi, gapam jygyldady. Bankçy şobada geň galan kişiniň gykylygyny, aýak seslerini eşiderin öýdüp garaşdy, ýöne üç minut dagy geçse-de, gapynyň aňyrsy öňküsi ýaly ümsümlikdi. Ol otaga girmegi ýüregine düwdi.
Stoluň başynda adaty adamlara meňzemeýän biri gymyldaman otyrdy. Ol aýallaryňky ýaly uzyn buýra saçly, bulaşyk ösgün sakgally, daşyna ham çekilen istihandy. Ýüzi solgundan sarydy, duluklary içine çöküp durdy, arkasy uzyndan inçedi, saçlak kellesini tutup duran eli bolsa şeýlebir inçejik hem hordy welin, oňa seretmegem gorkunçdy. Saçyna eýýäm kümüşsöw çal sepipdi, gojalan, haly teň ýüzüni görse, hiç kim onuň ýaňy kyrk ýaşandygyna ynanyp biljek däldi. Ol uklapdyr… Başyny egen badyna, stoluň üstünde ýatan owunjak harplar bilen nämedir bir zatlar ýazylan bir tagta kagyza gözi düşdi.
Bankçy: «Haý, bedibagt adam! Uklap ýatyrka-da düýşünde millionlary görýän bolsa gerek! Bu çalajany göteräge-de düşegine oklap, ýassyk bilen çalaja bogdugym, iň bir ynsaply seljerme-de munda zorlukly ölümiň alamatyny tapmaz. Her niçik bolsa-da, näme ýazanyny okap göreli». Bankçy stoldan kagyzy aldy-da, şulary okady: «Ertir günortan 12-de men azatlygymy hem-de adamlar bilen gatnaşmaga hukugymy alaryn. Ýöne şu otagy terk etmezden hem-de Güni görmezden ozal size birnäçe söz aýtmagy zerur hasaplaýaryn. Azatlygam, ýaşaýşam, saglygam we siziň kitaplaryňyzda dünýäniň eşreti diýlip atlandyrylýan zatlaryň hemmejesinem ýigrenýändigimi sap ýüregimden hem-de meni görýän Hudaýyň öňünde mälim edýärin. Men dünýäde durmuşy on bäş ýyllap ünsli öwrendim. Dogrusy, dünýäni-de, adamlary-da görmedim, ýöne siziň kitaplaryňyzda ýaşadym – hoşboý ysly şerap içdim, aýdym aýtdym, tokaýlaryňyzda sugundyr ýekegapan

kowaladym, zenanlaryň yşkyna düşdüm… Gijelerine siziň naýbaşy şahyrlaryňyzyň jadysy bilen döredilen, bulut deýin gaýyp ýören näzenin gözeller ýanyma gelip serimi serhoş edip sämedýän geň-enaýy ertekileri gulagyma çawuş çakdylar. Siziň kitaplaryňyzda Elbrusyň we Monblanyň çür başyna çykdym. Şol ýerden Günüň dogşuny, agşamlaryna onuň asmany, ummany we dag gerişlerini çym gyzyl tylla nura gark edişini gördüm; şo ýerden depämdäki bulutlary böwsüp ýyldyrymyň çakyşyny gördüm; ýaşyl tokaýlary, meýdanlary, derýalary, kölleri synladym, suw perileriniň aýdymyny, çopan tüýdügini diňledim, meniň bilen Hudaý hakda söhbet etmäge gelen ajaýyp arwahlaryň ganatlaryny duýdum… Siziň kitaplaryňyzda özümi düýpsüz gorplara okladym, gudrat görkezdim, adam janyna kast etdim, şäherlere ot berdim, täze dinleri ündedim, gidenbir patyşalyklary basyp aldym…
Siziň kitaplaryňyz maňa pähim-parasat berdi. Ynsanyň ýadawsyz paýhasynyň döreden ähli zatlary meniň kelleçanagymda gysylyp-gysylyp bir kiçijik tokgajyga döndi. Men özümiň siziň hemmäňizden akyllydygymy bilýän. Şonuň üçinem siziň kitaplaryňyzy ýigrenýän, dünýäniň ähli eşretlerini we parasatlylygyny ýigrenýän. Hemmesi bolgusyz, çüýrük, edil salgym ýaly hyýaly hem aldawçy. Goý, siz buýsanjaň, parasatly hem ajaýyp bolaýyň, ýöne ajal sizi ýerzemindäki syçanlar bilen birlikde ýeriň ýüzünden süpürip taşlar. Siziň nesliňiz, taryhyňyz, naýbaşy zehinleriňiziň ölmez-ýitmezligi bolsa, ýer togalagy bilen bilelikde doňup galar ýa-da ýanyp gider.
Siz akylyňyzdan azaşdyňyz-da, ters ýola düşdüňiz. Ýalany çyn diýip, bedroýlygy gözellik diýip kabul edýäňiz. Eger birhililik bilen alma hem-de pyrtykal agaçlary miwä derek gurbaga bilen hažžyk getiräýse ýa-da bägüller derlän ýabynyň ysyny berse, geň görerdiňiz, şonuň ýaly, menem asmany ýere çalşan size haýran galýaryn. Size düşünesim gelenok. Siziň şonsuz oňup bilmeýän zadyňyza, ömrüňiziň manysyna, özümiň birmahallar edil jenneti arzuw edişim ýaly arzuw eden, indi bolsa ret edýän zadyma ýigrenjimi iş ýüzünde size görkezmek üçin iki milliondan ýüz öwürýän. Özümi şo pullara hukukdan mahrum etmek üçin bellenilen möhlete bäş sagat galanda, bu ýerden çykaryn, şeýdibem şertnamany bozaryn…»

Şuny okap, bankçy kagyzy stoluň üstünde goýdy, geň adamyň kellesinden ogşady, aglap ýanaşyk jaýdan çykdy. Başga hiç haçan, hatda biržada lomaýja utulanda-da ol özüni şunça ýigrenmändi. Öýüne gelip düşegine geçdi, ýöne tolgunmasy hem gözýaşy ony ep-esli wagtlap uklamaga goýmady…
Ertesi irden garawullar ýüzlerinden ganyny gaçyryp, ylgaşyp geldiler-de, ýanaşyk jaýda ýaşaýan adamyň penjireden baga çykanyny, derwezä tarap gidenini görendiklerini, soň bir ýerlerde gizlenendigini oňa habar berdiler. Bankçy şobada hyzmatkärleri bilen bile ýanaşyk jaýa bardy we öz tussagynyň gaçandygyna güwä geçdi. Artykmaç hyşy-wuyşylary, gybat-gürrüňleri döretmezlik üçin hukugyndan ýüz öwürmegi tassyklaýan kagyzy stoldan aldy, öz jaýyna baryp, ony ýanmaýan şkafyna salyp gulplady.

Anton ÇEHOW.

Terjime eden Bäşim ÖDEKOW.

«Dünýä edebiýaty» žurnaly, 2012/6. Hekaýalar